# Gülküsi tutýan aýal

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gülküsi tutýan aýal GÜLKÜSI TUTÝAN AÝAL

Gözlerin ýaşardyp gülýär aýaly,
Gülküsin bir bada goýýanam ýaly.
Dem salymdan ýene ýarylýar böwet,
Elbetde, sebäbi bardyr ~ bu magat.

Ýarym-ýaş boluplar
öňküsi ýaly,
Şol sebäbi düşündirýär aýaly:

~ Daşarda pişigi ýalap dur pişik,
Biri-hä hor, biri ylla bir meşik,
Bir-birine welin mähri üýtgeşik…
Gülmez ýalymy?

Äri geňirgenýär öňküsi ýaly,
Göz ýaşardyp gürrüň berýär aýaly:

~ Syn edýärin, ýöne bilemok entek ~
Haýsysy urkaçy, haýsysy erkek…
Bir görsem, eý toba, ine göz-gülban ~
Nädende ýaranyp boljagyn bilmän
Näz-kereşme bilen mäwleýär meşik.
Bolmajysyn bolýar beýleki pişik,
Ýogsam garny-ha aç, tüýi bulaşyk.
Gülmez ýalymy?

Zor aýakdan ýylgyrsa-da kä ýarym,
Bu waka gülküsi tutanok äriň.
Emma hezil edip öňküsi ýaly,
Gürrüňini dowam edýär aýaly:

~ Göwnüň gider ýaly zat bolsa käşgä.
Ysgyn-mydarynyň ýokdugy äşgär.

Bir añkasy aşan sary imeşik,
Ölüp-öçüp barýar şonda-da meşik…

Belki gülkünçdir,
A belki ~ däldir.
Ýöne ine bolan wakañ beýany:
Äriñ dura-bara gahary geldi,
Güle-güle keýpden çykdy aýaly.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW. Goşgular